# «Sen biziñ…» / ýumoreska

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Sen biziñ…" / ýumoreska “SEN BIZIŇ…”

Patjan Geldiýewiň klasa girip, ýaňy sapaga başlanam şoldy welin, gapy kakyldy. Onýança-da sekretar gyz gapydan çalaja jyklap:
– Direktor size ýene bir gelip-gitsin diýýä – diýdi.
Bir aýdylany iki gaýtalatmaýan Patjan mugallym sekretar gyzyň söbügine basyp, direktoryň kabinetinde häzir boldy.
– Patjan, inim, raýmagaryfdan ýap-ýaňyja hat geldi. Açyk sapak guramaly diýýärler. Gelip görjekmişler. Inim, şoňa sen taýynlan. Goý, gören agzyny açyp, aňk bolsun!
Direktor soňky sözlemi aýdanda şeýle bir daşyp-joşdy, hatda ýüzi-gözi gyzaryp, agzyndan köpük syçrady.
– Bor, Kadyr mugallym. Ýöne maňa öňden tabşyrylan syýasy-köpçülikdir okuw-metodik işlerim-ä çensiz kändir. Ýetişip biläýsem…
– Senmi? Gözüne gül basarsyň. Boýun alýas, inim, biz saňa ýumşy aşa kän tabşyrýarys. Alajyň näme! Biz, jan inim, saňa söýenmän kime söýeneli? Sebäp, sen biziň el-aýagymyz, ýürek ýagymyz. Sen biziň galkanymyz, penakärimiz. Sen biziň…
Arakesmä çykylyp-çykylmanka direktoryň orunbasary hasanaklap, Patjanyň okuw kabinetiniň gapysyndan ätledi.
– Dost jan, ýene-de bir dokladjyk çyrşaýmasaň, ýokardakylar halys ýürege düşdi. Ýaňam gyssagly til geldi. Raýon pedokaýşynda okalmalymyş. Temasam “Kollektiwi terbiýelemekde ýolbaşçynyň roly”.
– Weý, meň taýýarlanyp ýören dokladymyň temasy o däl-ä.
– Eý-ý, dost jan, almadyň-ow. O doklad saňa däl-de, maňa derkar. Dost jan, kyn görme-de ýene birje gezek gaýrat et. Ýazyp-bozmak seniň çep eliňden gelýär-ä. Mekdepde senden başga “gaýrat et” diýer ýaly goýazy başly kim bar? Sen biziň…
Gün ikindi ýerine gelende Patjan bu günlük işlerini birýüzli edip, öýüne ugrady. Mekdebiň howlusyndan çykmanka guramaçynyň

jaňynyň sesi geldi.
– Haý, zalywat, duraweri. Bi gezegem özüň alyp çykaýmasaň, iş pyrryk bolup barýa…
Ertirki gaýdanyndan iňrik garalanda öýüne donanan Patjanyň aýaly küpürsäp öňünden çykdy:
– Jan halaýyk, bi bagtyýatanyň öýüne köwlenýän wagtyna bakyň. Özi ýaly mugallymlar öýländen bäri öýünde, bala-çagasynyň arasynda, mal-garasynyň hyzmatynda. Bi bolsa… Özem bir gün däl, iki gün däl, taňryň beren güni şeýle. Waý, sen-ä adamyň ýüzüne “bolanok” diýmegi başarmaýan aňkaw, samsyk, ýüke werziş boz eşek. Ýolbaşçylaňňam şo gylygyňdan peýdalanyp, köwüp, kiçi dilden bärde öwüp, seni aşyk edip oýnaýarlar. Janyňa haýpyň gelsin.
Patjan aýalynyň arkasyna ýeňiljek kakyp, özüne zor salyp ýylgyrdy.
Ol gije ýarymdan agýança işledi. Ýazdy, bozdy, okady. Teý ahyrynda-da işläp oturan stolunda uklap galdy. Daň horazy gygyrýarka gulagyna pyşyrdy eşidildi.
– Wah, arkadagym, göwün mydarym, özüňe, şirin janyňa beýle-de bir kast etmek bormy! Sen biziň…
Patjan birden tok uran ýaly bolup, syçrap galdy-da, Gyzülgülüň sözüni böldi:
– Gyzylgülüm, garagözüm, ursaň-da, sögseň-de keýpiň kelläňde. Ýöne şol “sen biziň” diýen elhenç sözi sen beri maňa aýtmasana, haýyş edýän…

Hojagylyç NAZAROW.

“Edebiýat we sungat” gazeti, 1988 ý. Satiriki hekaýalar